# Ýurt ýykan / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýurt ýykan / hekaýa ÝURT ÝYKAN




Tomus günleriniň birinde komandirowka gitjek bolup, bilet tapman, tä gijäniň bir wagtyna çenli aeroportda eglendim. Ine, şonda bir gyza gözüm düşdi: ol çete çykyp, gözlerini süzüp, öňüne bir çüýşäni alyp, käýarym arpa suwuny owurtlap, arasynda-da çilim tüsseledip otyrdy.
Aeroportda, mähelläniň üýşen ýerinde aýal maşgalanyň beýdip oturmasy diýseň geňdi. Ýöne, näme üçindir, meniň ony ýazgarasym gelmedi.
Şu jokrama yssyda bir kürüşge arpa suwuny içäýseň, dogrudanam, janyň hezil etjekdi, wagtyňam nähili geçeni bildirjek däldi. Men muny aýalm bolsam bilýärdim. Emma, edil beýleki adamlar ýaly, elimdäki gazet bilen ýelpenip, o gyzyň özüni alyp barşyna ogrynça seredip otyrdym. Dogry, aýal bolsaň, mydama göwnüň islänini edip bolaýanok. “Zenan maşgala ojagy bilen bolmaly, özem güle meňzemeli, ondan gülüň ysy gelmeli…” Men muny towar gulpaklyja gyzjagazkam öz mamamdan eşidipdim. Meniň çetde oturan gyzyň ýanyna baryp: “Sen şu wagt güle meňzäňok-da, köçä zyňlan köwşe meňzeýärsiň” diýesim geldi…
Her näme diýseňem, o gyz biçak owadandy. Süzülip duran gözleri, uzyn-uzyn kirpikleri, ujy çözlenip, dyzyna düşüp duran nogtaý saçlary, pisse dodaklary göreni haýran edip biljekdi. Ýöne ýüzüne, dodagyna çalnan reňkleri gyzy öz ýaşyndan ep-esli uly görkezýärdi. Gapdalyna öwrülip, çiliminiň külüni kakyşdyran wagty dagy, göwnüme bolmasa, gyzyň bar görk-

görmegi ýitip gidýän ýalydy. Içimden: “Muny bir köle çümdürip çykaragadan, akja polotense bilen ýüzüni süpüräýseň…” diýdim.
Içimi gepledip, öňündäki arpa suwuna däl-de, erkinligine maýyl bolup, gyzyň ýanyna ýöneldim. Ýolagçylar maňa geň galyp seretdiler. Ýanyna baramsoň, gyz gapdalyndaky sumkasyndan ýene-de bir çüýşe çykaryp, maňa-da arpa suwuny hödür etdi. Garaz, ýöne oturmazlyk üçin, men onuň bilen bir çüýşe arpa suwuny bölüşiňp içdim. Şondan soň, birhili, aeroportyň içindäki dymyk howa niredendir bir ýerden sowujak öwüsgin aralaşan ýaly boldy. Meniň oňa “Sen güle meňzemeli, senden gülüň ysy gelmeli, şony bilýärmiň?” diýesim gelse-de, nämüçindir, saklandym. Ahyram:
– Bilýäňizmi näme, men siziň erkinligiňize gözüm gitdi-de, tanyşmak üçin geldim – diýip, söz açdym.
Ol gaty alçak gyz eken, gepimiz alyşdy gidiberdi. Ýigitler, mertlik-namartlyk, ar-namys, hakyky söýgi, wysally gijeler barada içginden-içgin gürrüň etdik. Ol özüniň mert adamlary söýýändigini aýdyp, gürrüňini kynçylygy mertlerçe çekmegi başarýan adamyň azlygyna syrykdyranda, menem oňa mert adamlary söýýändigimi, diňe şeýle adamlar bilen dost bolýandygymy aýtdym.
– Hawa, mert adamlaryň ýürekleri arassa, päk bolýar, mert adamlar çaga ýaly ynjyk hem gaharjaň bolýarlar, olar sähelçe zada-da öýkeläp oturyberýärler – diýdim welin, ol maňa:
– Men birini çyn ýürekden söýýän, ol gaty mert adam, ýöne onuň maşgalasy, çagalary bar – diýdi-de, az salym dymdy. – Gijelerine şol adamyň derdini çekip, uklap bilemok, ony ýekeje gün görmesem ýüregim ýarylyp barýa. Söýgi diýlen zat erbet bir kesel ekeni, özem o kesel menden hiç aýrylanok, näme etjegimi bilemok – diýdi.
Men oňa näme diýjegimi bilmedim. “Sen galat iş edýäň, maşgalasy bar adam bilen öňi-soňy bagtly bolmarsyň, ondan ýüz öwür” diýesim geldi. Birdenem, owadan gözleriniň owasynyň ýaşdan dolanyny görüp, oňa ýüregim gyýyldy. Onsoň, başga-da näme diýjegimi bilmän:
– Olam seni söýýämi? – diýdim.
– wah, söýýä-le, onda-da nähili… Ýöne ol öz çagalaryna dözenok – diýdi.
Gyz adynyň Altynsaçdygyny, biriniň dört oguldan soň ýüzi düşen ýekeje gyzydygyny aýtdy. Ol onýyllygy gutaryp, ýokary okuw jaýyna gireýin diýip, obadan gelip, üç ýyllap synanyşsa-da,

okuwa girip bilmändigini, häzir bolsa şäheriň merkezindäki zawodlaryň birinde işçi bolup işleýändigini gürrüň berdi.
Men oňa:
– Öz obaňa gidip işläberseň bolmadymy? – diýdim. Ol:
– Men ondan aýrylyp bilemok, ýanymda bolmasa, hiç kararym ýok – diýdi.
– Hossarlaryň näme diýýär? – diýdim. Ol birsalym dymyp, çilim otlandy-da:
– Olara okuwa girdim, medinstitutda okaýan diýýän. Her gezek okuwçylar kanikula çykanda, menem öýe gidýän – diýdi. Soňam: – Ýene-de synanyşyp görjek. Kim bilýä, geljek ýyl giräýmegimem ahmal, wraç bolmak arzuwym bar – diýdi.
Altynsaç çekip oturan çilimini söndürip, ýerinden turdy-da, bize tarap gelýän uzynak, saryýagyz, gözleri göm-gök ýigidiň öňünden çykdy. Ýigidi gujaklap, onuň ýaňagyndan öwran-öwran ogşady.
Päsgel bermezlik üçin ýerimden turup gidiberjek boldum. Elimden çekip, Altynsaç ýigidi meniň ýanyma alyp geldi-de:
– Tanyş boluň, ynha meniň Tahyrym – diýdi.
Oňa rus ýigididir öýdüp ýalňyşan ekenim.
– Ýörüň, restorana baralyň, samolýot uçýança dynç alalyň! – diýip, ol arassa türkmen dilinde gürledi. Şol wagtam meniň uçjak samolýotyma münmelidigi yglan edildi. Men olar bilen hoşlaşdym.
…Men Altynsaçyň soňky ykbaly barada gürrüň bermekçi.
***

Altynsaçyň bäbegine çaga dogrulýan öýdäki enekeler Tumar diýip at dakdylar. Onuň gyzy beýleki gelinleriň çagalaryndan has çepiksije bolansoň, “Tumar ýalyjak ekeni, sen gyzyňy tumar edinip boýnuňdan as” diýip, enekeler Altynsaça ak pata berdiler. Şol gün Tumar on bäş günlük bolupdy. Altynsaç Tumary ak gundaga dolap, bagryna basyp, ýuwaşja ädimläp, awtobus duralgasyna geldi.
Şäheriň köçeleri geýnwüli gelin-gyzlardan, duralgalar bolsa elleri bägülli ýigitlerden doludy. Çalajadan ýagýan ýaz ýagşynyň damjalary duralgadaky leýlisaçyň dür monjuklaryna meňzäp syrygmaga başlady.
Gyzlaryň sepinen üýtgeşik yslyja atyrlarynyň, jahyllaryň sakalyny syryp, ýüzlerine çalan ýaglyja suwlarynyň ysy çaga

dogrulýan öýüň dermanlarynyň ysyndan soň, birhili, erbet duýuldy. Altynsaçyň başy aýlanyp, gözi garaňkyrady, ýüregi çaşdy.
Duralgadaky jahyllaryň biri Altynsaçyň ýagdaýyny aňan ýaly:
– Geçiň, oturyň! – diýip, ýerinden turup, oňa ýer berdi.
Altynsaç skameýka geçip oturansoň, Tumaryň ýüzüni açyp, oňa seretdi. Çagajygyň hiç zadyň aladasyny etmän, myslapjyk ýatanyna öz ýanyndan begendi. “Tas-a seni çagalar öýüne tabşyryp gaýdypdym…” diýip içini gepletdi. Birdenem ol özüniň ajygýanlygyny duýdy. Enekeleriň birine pasportyny goýup, iki-üç güne ýetäýer-dä diýip karz alan puly ýadyna düşdi.
“Ojagaz pul gutaransoň nädersi, Tumarym?! Agalaryma pul iberiň diýsem ibererler, ýöne, öwran-öwran pul sorap dursam, olar hökman yzymdan geler. Onsoň has erbet bolar… Ýeri, zawoddan näme üçin çykdym diýsene, umumyýaşaýyş jaýda ýaşatmaýanlarynda-da kireýine jaý tapyp, işläbersem boljak eken. Il-gün gürrüň eder, hiç kim bilmesin diýip, telek edipdirin… Hökümet ärsiz dogran aýallara kömegini gaýgyranok, ýöne meniň şeýle aýallara meňzäsim gelenok. Özüm öz söýen ýigidimden dogurdym, hemmesini öz egnim bilen çekerin. Goý, söýen ýigidim namartlyk edip, “Çagaňy aýyrt, gerek däl” diýibersin, ýüz sowubersin, men ene bolmagy makul bildim… Sen hiç zadyň aladasyny etme, Tumarym! Arkaýyn ýat, ejeň namartlamaz! Namarda ýüzem tutmaz…”
Altynsaç şol oturyşyna iň soňky duşuşygy ýatlady.
Howa yssydy. Olar şäheriň çetindäki köle suwa düşmäge barypdylar. Ýigit gyzyň öňüne bir penje pul oklap: “Bar, git-de, ähli zatdan saplanyp, öňkiň ýaly bolup gel, onsoň gürleşeris” diýipdi…
“Tumary saňa hiç haçan görkezmerin, onuň doglanynam aýtmaryn, sendi meniň üçin ýok…”
“Jaň edip, pul soraýsammykam? Tumaryň çalşyrar ýaly arlygam-a ýok… Kireýine jaý tap-da, kömek et diýäýsemmikäm?.. Belki-de, ol meniň diýenimi etmez, gury ýüzümi saraldanym galar, gowusy, onuň öňünde kiçelmäýin, başa gelenini görübereýin… Myhmanhanalaryň birinden ýer soraýyn, öýden pul iberensoňlar, oba gideýin, şondan gowusy ýok” diýip, Altynsaç ahyry bir

pikire geldi. Şol wagtam awtobus geldi. Ol şäheriň çetindäki myhmanhanalaryň birine barýan awtobusa mündi. Altynsaç boş ýerleriň birine geçip oturan badyna-da Tumarjyk arlygyny öl edip, çyrlap aglamaga başlady. Altynsaç her näçe diňdirjek bolsa-da, çaga diňmedi. Ol nätjegini bilmän, awtobusdaky adamlardan utanyp, ýere giräýjek boldy, sessiz aglamaga başlady.
Öňki hatarda oturan iki ýigit:
– Şu wagtyň gelinleriniň hemmesi şeýle, bäbeklere erkekler gowy seredýär – diýip, hondanbärsi boldy.
Ýaşy ortadan agan, garaýagyz aýal gelip, Altynsaça:
– Näme, ugruň ýokmy, hany, çagany äber, men diňdireýin, sen nirede düşmeli? – diýdi. Altynsaçyň gapdalynda oturan gyz ýerinden turup, ýer berensoň, ol aýal Tumarjygy eline alyp:
– Waý, bujagazyň bolaýşyny, "öl boldum" diýip aglaýar ahyrym – diýip, çaltlyk bilen Tumaryň arlyjagyny süpürişdirip, täzeden dolaşdyrdy. Tumar şobada sesini kesdi. Ýolagçylar ýylgyryşyp, garaýagyz aýala seredişdiler. Ol aýal Tumarjygy yralap oturyşyna ýene-de:
– Siz nirede düşmekçi? – diýdi. Altynsaç ýuwaşja:
– Myhmanhanada ýerleşjek – diýdi. Ol aýal Tumarjygyň ýüzüni açyp seretdi-de:
– Suw ýaly çaga bilen myhmanhana almazlar, ýörüň, bize myhman bolaýyň – diýdi. Altynsaçyň ýüreginiň çaşmasy aýrylan ýaly boldy, ol ýeňillik bilen dem alyp:
– Ýagşylygyňyza sag boluň, myhman alsaňyz, baraýaryn – diýdi.

***

Altynsaç myhmançylykda ylaýyk üç gün boldy. Gelen ýerinde çaga-çuga gözi düşmänsoň, ol nämüçindir howatyrlandy. Ýüregini erbet bir duýgy gaplap alan ýaly boldy. Öz ýanyndan "Hemme zat meniň gaýgyçyllygymdandyr" diýdi.
Mährem aýalyň adamsy ýol edaralarynyň birinde ýolbaşçy işde işleýän eken. Altynsaç olaryň şeýle jomart adamlardygyny görüp, aýdyp bilen alkyşyny aýtdy. Olar Altynsaça duýgudaşlyk edip, Tumara ähli gerekli zatlary satyn alyp berdiler. Hatda

biledinem alyp berip, hossarlaryna telegramma ýollap, obasyna-da ugratdylar.

***

Otly badyny gowşatman barýanam bolsa, Altynsaçdyr Tumar gijäni otlynyň üstünde geçirip, obalaryna ertir gün guşuk boluberende barmalydy. Altynsaç Tumarjygy ýatyrdy-da, onuň ýüzüne seredip, pikire batdy.

…Tumarym, sen maňa düýbünden meňzäňok. Sen meniň erkimi alan oglana meňzeş. Men ony mydama saňa seredip ýatlaryn, täý ömrüm ötýänçä ýatlar ýörerin. Nähili güne düşsemem, öz ynjyk ýüregimiň töründe göterer ýörerin…

Otlynyň şakyrdysy, ýokarky ýatylýan ýerdäki ýolagçylaryň horruldysy, küpedäki dymyljyk ys, nämüçindir, Altynsaçy ünjä batyrdy. Ol ho-ol yzda, tümlügiň içinde galan gijäni ýatlady. Şonda olar Tumaryň kakasynyň öýünde ikiçäk galypdylar. Ol aýalyny, çagalaryny atasy öýüne iberipdi… Bary-ýogy birje çüýşe şampan çakyry açylypdy. Şonda Altynsaç oňa söýgi hakynda gaty kän zatlary gürrürň beripdi…

– Meniň diňe seniňki bolasym gelýär, diňe seniňki bolasym gelýär – diýip, ýuwaşja pyşyrdapdy.

Altynsaç eglip, Tumarjygyň ýaňagyndan ogşady. Bäbejik özüniň ogşalanyna begenýän ýaly, düýşürgäp, çalaja ýylgyrdy. Bu ýylgyryş oňa erkini alan ýigidi ýatlatdy. Ýüreginde ownujak sanjy peýda boldy.

***

Oba kyrk-elli kilometr galanda, otly bir stansiýada saklananda, gökden düşen ýaly, dört agasy Altynsaçyň oturan küpesine gelip girdi. Küpedäki adamlar iki-ýekeden düşüp başlapdylar. Altynsaç agalaryny görüp, zöwwe ýerinden galdy. Uly agasy egninden gaharly basyp:

– Otur gömül-de, ýurt ýykan, loly! Eetegiňde çaga getirdiňmi?! – diýdi.

Altynsaç agalaryna gamgyn seredip:

– Men ony söýýän ýigidimden dogurdym. Lolulyk edip dogramok,

men arassa – diýdi.
– Hany onda ol, bile gelse bolmaýamy?! – diýip, ikinji agasy al-petinden aldy.
– Biz senden geçýäs. Ejem-kakamam geçdi, şony bilip goý! Özüňem gaýdyp oba aýagyňy sekäýme, sen bizi namysa goýduň! – diýip, üçünji agasy jübüsinden pyçak çykaryp, Altynsaçyň alkymyna diredi.
Kiçi agasy bolsa, Tumarjykdan gözüni aýyrman durşuna:
– Hany, pyçagy aýyr! Biz ganhor däl, goý, çaga enesiz galmasyn. Ýöne şu stansiýada düşsün-de, gelenje ýerine gaýtsyn! – diýdi.
Uly agasy ýene onuň üstüne herreldi:
– Bihaýa, ýüzümizi ýere salyp, telegramma beren bolmaň näme?
Ýolagçylar gelşip başlady. Altynsaç Tumarjygy eline alyp, otludan düşüp galdy.

***

Altynsaç ýene-de yzyna, şol myhman bolan ýerine dolandy. Onuň ähli düşen gününi eşidip, öý eýeleri ýürekden gynandylar. Garaýagyz aýal bolsa, Tumarjygy eline alyp, çyny bilen aglady:
– Wah, wah-eý, bujagazda näme günä bar?! – diýip, adamsynyň ýüzüne bakdy. Adamsy bolsa, Altynsaça seredip:
– Hiç zadyň gaýgysyny etme-de, boluber bizde. Öňki işlän zawodyňa-da ýerleşdirin – diýdi.
– Tumaryň aladasyny özüm ederin, asyl onuň kem zady bolmaz – diýip, aýal hem üstüni ýetirdi.
Aradan birki hepde geçeninden soň, Tumarjygy garaýagyz aýala goýup, Altynsaç ýene-de öňki işlän zawodynda işe başlady. Bir günem, öňünde dürli-dümen goýup, konýak açyp, garaýagyz aýal Altynsaçy mazaly hezzetledi-de, eline “Wolganyň” açaryny tutdurdy.
– Ynha saňa maşyn, ýaýnap ýaşa! Başyň ýaş, çagany heran-haçanam taparsyň. Dil hat ber-de, Tumarjygy maňa goý, göresiň gelende çekinme-de gel, görüp git – diýdi.
Altynsaç zöwwe ýerinden galyp, ylgap Tumaryň ýanyna bardy. Ýelek düşekçäniň üstündäki ap-akja köýnekli çaga seredip,

pikire çümdi: “Ezizim, men seni hiç haçanam şunuň ýaly saklap bilmen. Kim bilýä, belki, men ýene-de entärin. Bularda bolsaň, kakasyz doglanyňam bilmersiň… Indi beri horlamaýyn seni…”
— Iki-üç günden gelerin — diýip, Altynsaç perişan halda çykyp gitdi.

***

Altynsaç iki-üç hepde geçeninden soň iki sany adam bilen tirkeşip geldi. Tumarjygyň ýaňajygyndan öwran-öwran ogşady-da, “Wolganyň” açaryny, dokumentlerini alyp, şol iki adam bilen maşyna mündi.
Ol “Wolgany” iki bahasyna satyp, puluny sumkasyna saldy-da, göni obalaryna ugrady. Otly gijä galyp, obanyň gapdalyna garaňky gatlyşanda geldi. Altynsaç otlynyň giç gelenine öz ýanyndan begendi. “Oba nähili gelenimi hiç kim bilmez, gaýtam gowy boldy” diýip oýlandy. Pully sumkasyny göterip, öýleriniň gapysyna gelende güýz çigregi düşüp, ýagyş çisňäp başlapdy. “Belki-de, ejem ýa-da kakam daş çykar” diýip, aýnanyň öňüne geçip durdy. Dym-dyrslykdy. Agalarynyň çagalary ýatanda şeýle ümsümligiň başlanýandygyna ol beletdi. Hiç kim daş çykmady. Çisňäp duran ýagyş güýçlendi. Birdenem hüwdi sesi eşidilmäge başlady:

— Huwwa balam, ýat balam,
Gyzyl güle bat balam.
Ejeň senden öwrülsin,
Kakaň senden aýlansyn…

Altynsaçyň ýüregi sanjyp gitdi. Kimdir biri kellesine uran ýaly boldy.
“Men öz Tumarymy hüwdüläp bilmedim, ol öz ejesiniň hüwdüsinden binesip galdy. Basymrak stansiýa ýetip, gideýin-de Tumarymy yzna alaýyn…” ol yzyna öwrüldi-de, gaty-gaty ýöräp gaýtdy. Ýagyş güýçlendigiçe-de ýüreginiň sanjysy artyp, gözi garaňkyrap başlady. Ysgyny gaçyp, eli gurap barýanam bolsa, pully sumkany has berkräk tutdy. Göwnüne bolmasa, Tumarjyk şu sumkanyň içinde ýatan ýaly… Ýöredigiçe-de pully sumka agraldy,

dem almasy kynaldy, ýoluny saýgarman, entirekläp-entirekläp gitdi. Ahyram, demir ýoluň gyrasyna ýetiberende, aýagyna kakylan ýaly, ýüzin ýykyldy…
Ýagşyň astynda galdyrap ýatan gelin şo-ol alysdan sesjagazy gelýän Tumarjygyň ýaňagyndan ogşajak boldy, bolmady. Şo-ol alysda galan saryýagyz ýigidi göz öňüne getirjek boldy, bolmady…
– Tumarym, men seni hüwdüläbem bilmedim – diýip, ol sessiz aglady…

Turamerjen GURBANOWA.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 1988 ý. Hekaýalar